Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna
## на 1 февраля 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

TÜRKMENISTANYŇ SEBITLEÝIN SYÝASATY DURNUKLY ÖSÜŞ ÝOLUNDA
3

## SELJERIŞ MAKALALARY

SANLY BANK HYZMATLARY: DAŞARY ÝURT WE MILLI TEJRIBE
5

MAÝA GOÝUMLARDAN GARAŞYLÝAN GIRDEJILERIŇ BAHALANDYRYLMAGY
8

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
11

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
13

# Türkmenistanyň sebitleýin syýasaty durnukly ösüş ýolunda

Ýurdumyzyň sebitleýin syýasaty her welaýatyň ýerleşiş aýratynlyklaryny we mümkinçiliklerini, ulag we geografiki ýagdaýyny göz öňünde tutmak bilen, sebitleriň deňeçer ösmegine, ykdysadyýetiniň düzümleýin üýtgemegine hem-de ilatynyň maddy hal-ýagdaýynyň has-da gowulandyrylmagyna gönükdirilendir. Türkmenistanyň sebitleýin syýasatynyň esasy maksady – ähli welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň durmuş-ykdysady ösüşini ýokary depginlerde üpjün etmek we ýurduň ykdysady ugurlaryny döwrebaplaşdyrmakdaky goşandyny ýokarlandyrmak, has netijeli gurluşyny emele getirmek, öndürilýän harytlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejelerini has-da gowulandyrmagyň esasy guraly hökmünde eksport mümkinçiliklerini giňeltmek we bütinleý durmuş ösüşine ýetmek bolup durýar.

Ýurdumyzyň sebitleýin syýasaty ýokary tehnologiýalary ulanmak we önümçilik güýçlerini netijeli ýerleşdirmek bilen, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak ugurlaryna toplumlaýyn çemeleşmegi talap edýär. Şu nukdaýnazardan, geljekde innowasion häsiýetli we strategiki dolandyryş obýekti hökmünde her bir sebitiň senagat önümçiliginiň aýratynlyklaryny öwrenmäge uly ähmiýet berilýär. Gelejekde sebitleýin senagat syýasaty taslamalaryň ylmy taýdan amala aşyrylmagynyň, önümçiligiň ileri tutýan ösüşiniň, sebitlerde ýokary ylmy-tehniki, innowasion, energiýa we serişde tygşytlaýjy tehnologiýalaryň, häzirki zaman sanly ulgamlarynyň durmuşa ornaşdyrylmagynyň esasynda onuň pudaklaýyn düzüminiň kämilleşmegini göz öňünde tutýar.

Döwletiň sebitleýin syýasaty, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy düzüjisi bolup maksatnamalaýyn esasda alnyp barylýar. Welaýatlaryň öňünde goýlan durmuş-ykdysady wezipeleriň maksatnamalaýyn ösdürilmegi, tutuş ýurt boýunça her bir sebitiň aýratynlyklarynyň ornuna we ähmiýetine nazary we tejribe taýdan has giňişleýin düşünmäge we seljermäge ýardam berýär. Muňa hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda kabul edilen orta we uzak möhletli maksatnamalar şaýatlyk edýär. Bu maksatnamalara laýyklykda ýurdumyzy täze ösüş tapgyrlaryna çykarmak, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak, şäherleri we obalary düýpli ösdürmek hem-de ýurduň döwlet dolandyryş ulgamyny has-da kämilleşdirmek boýunça hemmetaraplaýyn işler alnyp barylýar. Bu babatda döwrüň talaplaryny we esasy ugurlaryny kesgitlemekde dolandyryş-çäk gurluşyny gowulandyrmak boýunça tekliplere hem seredildi.

Dolandyryş-çäk gurluşynyň özgermegi ýurduň durmuş-ykdysady ösüş ýagdaýlarynyň biridir. Häzirki wagtda durmuş-ykdysady ösüşiň esasy ölçegleri, jemgyýetimiziň ösüş mümkinçiligine çuňňur düşünmäge we bu ugurda ýüze çykýan çylşyrymly ýagdaýlary anyk seljermäge mümkinçilik berýän Durnukly ösüş maksatlaryna hem uly ähmiýet berilýär.

Durnukly ösüş maksatlarynyň «Ýurtlaryň içinde we olaryň arasynda deňsizligi azaltmak» atly maksadyna laýyklykda döwletimiz özüniň alyp barýan Bitaraplyk syýasaty netijesinde dünýäniň we sebitiň döwletleri bilen ikitaraplaýyn esasda hyzmatdaşlygy dowam etdirýär, halkara guramalaryň çäklerinde hem maksada gönükdirilen işleri alyp barýar. Giň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge we onuň möhüm meselelerini çözmäge, amatly geosyýasy we ykdysady şertleriň döredilmegine ýardam bermäge gönükdirilen sebitleýin syýasaty Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ugrunyň möhüm düzüm bölegi bolup durýar. Ol hem öz gezeginde ýurduň içinde tebigy baýlyklaryň, bar bolan mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmaga, ilaty iş bilen üpjün etmäge, sebit bazarlarynyň we dolandyryş gurallarynyň olary dolandyrmakda özara hereketlerine, netijede ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga degişli möhüm ugurlary çözmäge gönükdirilendir.

Sebitleýin syýasaty özüniň çäkleýin ösüşiniň we öndüriji güýçleriniň ýerleşişiniň şular ýaly ýörelgelerini göz öňünde tutýar:

- ýurduň ähli künjeginde bar bolan uglewodorod, mineral-çig mal, ýer-suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak;

- sebitleriň ýerleşişiniň geografiki taýdan amatlylygyny doly ulanmak bilen bir hatarda ykdysadyýetimiziň goňşy döwletlere we umumadamzat bähbitli ugurlara goşulyşmagyny gazanmak;

- ýurduň ähli sebitleriniň ulag we aragatnaşyk infrastrukturasyny deň derejede ösdürmek;

- sebitleriň döwlet tarapyndan goldanmagynda olaryň ileri tutulýan ugurlarynyň netijeli özleşdirlmegini hasaba almak bilen durmuş-ykdysady ösüşini deňeşdirmek;

- sebitleriň tebigy şertlerine we pudaklaryň hereket edýän maksatlaryna baglylykda çäkleýin köpugurly düzümler boýunça oba hojalygynyň zolaklaýyn ýöriteleşdirilişini kämilleşdirmek;

- sebitlerde bar bolan erkin işçi güýjüni, aýratyn-da, işleriň möwsümleýin alnyp barylýan görnüşlerinde işleýän adamlaryň zähmetini amatly şertlerde guramak;

- nusgawy şäherleri we etrap merkezlerini döretmek.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan sebitleýin syýasaty welaýatlaryň durnukly durmuş-ykdysady ösüşi üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Bu bolsa, ýurduň ykdysadyýetine goşýan goşandyna garamazdan sebitleriň ähli ilatynyň mynasyp ýaşaýyş derejesini üpjün etmäge gönükdirilendir. Ýurduň ähli tebigy we ykdysady mümkinçilikleri döwletimiziň abadançylygyny has-da ýokarlandyrmak, dünýä bazaryndaky ornuny berkitmek, döwletara gatnaşyklaryny giňeltmek we netijede raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini üpjün etmek üçin ulanylýar.

Durnukly ösüş maksatlarynyň «Şäherleriň we ilatly ýerleriň açyklygyny, howpsuzlygyny, durmuşa ukyplylygyny we ekologik durnuklylygyny üpjün etmek» atly maksadyna laýyklykda ýurtda obalaryň şäherleşmegine, oba ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň gowulanmagyna gönükdirilen mümkinçilikler döredilýär. Munuň üçin ýurtda şäherleri we obalary döwrebaplaşdyrmak maksady bilen düýpli özgerişlikler amala aşyrylýar. 2022-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda üstünlikli geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Milli Geňeşiniň mejlisinde ýurduň döwlet dolandyryş ulgamyny has-da kämilleşdirmek, welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň we obalaryň dolandyryş-çäk birliklerine gaýtadan seretmek meselelerine garaldy.

Ýurtda bar bolan tebigy serişdelerden doly peýdalanmaklygy, sebitleriň durnukly ösüşi üçin dolandyryş düzümini kämilleşdirmek maksady bilen «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda Karar kabul edildi. Karara laýyklykda 6 sany etrap, 5 sany etrap hukukly şäher, 1 sany şäherdäki etrap, 2 sany şäherçe, 36 sany geňeşlik ýatyrlyp, 6 sany oba şäherçe derejesi we 6 sany ilatly ýere bolsa, oba derejesi berildi. Şeýlelik bilen, dolandyryş nukdaýnazaryndan seredilende, Türkmenistan häzirki wagtda 37 sany etrapdan, 6 sany etrap hukukly şäherden, 5 sany şäherdäki etrapdan, 42 sany etrapdaky şäherden, 68 sany şäherçeden, 469 sany geňeşlikden we 1690 sany obadan ybarat boldy.

Häzirki wagtda biziň ýurdumyz hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda diňe bir ýurdumyzyň durnukly ösüşini üpjün etmän, eýsem Birleşen Milletler Guramasynyň dünýä meýilnamasynda kesgitlenen esasy maksatlaryna ähli ugurlar boýunça doly laýyk gelýän özgertmeleri işjeň alyp barýar. Bu işleriň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzy mundan beýläk hem ösdürmäge, ilkinji nobatda, sebit boýunça goňşy döwletler hem-de dünýäniň dürli ýurtlary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmäge hem-de halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

**Gülaýym ŞÜKÜROWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Işgärler syýasaty müdirliginiň baş hünärmeni

# SANLY BANK HYZMATLARY: DAŞARY ÝURT WE MILLI TEJRIBE

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň durnukly ösüşini üpjün etmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen ykdysady syýasat netijeli durmuşa geçirilýär. Munuň netijesinde döwletimizde maliýe durnuklylygyny üpjün etmek, bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek, işewürligi ösdürmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Türkmenistanda durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmakda sanly esaslarda ähli ulgamlaryň yzygiderli ösdürilmegine giň mümkinçilikler döredilýär.

Häzirki wagtda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalary, maglumat serişdeleri yzygiderli girizmek bilen çäklenmän, dolandyryş çemeleşmelerinde düýpli özgertmeleri göz öňünde tutýar. Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek uzak möhletli ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiliLigi gazanmaga şert döredýär, jemgyýetçilik hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmaga, hilini has-da ýokarlandyrmaga, pudaklarda elektron hyzmatlaryny giňeltmäge ýardam berýär. Bu ugurda maliýe ulgamyna aýratyn ähmiýet berilýär, çünki ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň arasynda pul görnüşindäki serişdeleriň çeýe, netijeli paýlanylmagyny üpjün etmek durmuş wezipelerini çözmäge, maýa goýum işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmaga hem-de durnukly ykdysady ösüşi saklamaga, ähli pudaklary öňdebaryjy tehnologiýalara geçirmäge ýardam berýär.

Milli bank ulgamynda sanly maglumat tehnologiýalaryny işjeň ulanmak, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek, kiberhowplara garşy durmak we beýleki ugurlar boýunça zerur bolan enjamlary, programma üpjünçiliklerini satyn almak we ulgama giňden ornaşdyrmak, dünýäniň ösen döwletleriniň iş tejribesinden peýdalanmak arkaly bank hünärmenlerini taýýarlamak boýunça hem degişli işler alnyp barylýar.

Bank hyzmatlary babatda geçirilýän özgertmeler bank bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryň düýpli üýtgemegini aňlatmak bilen ilkinji nobatda, hyzmat ediş tizligini artdyrmagy hem-de hyzmat etmegiň dürli ugurlaryny peýdalanmak arkaly müşderileriň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamagy göz öňünde tutýar.

Ýurdumyzyň bank ulgamyny ösdürmegiň ileri tutulýan esasy ugurlarynyň biri hem Türkmenistanyň elektron hasaplaşyk ulgamyny hem-de dünýäniň elektron hasaplaşyk ulgamynda gazanylan öňdebaryjy tejribäni öwrenmek arkaly ykdysadyýetiň ösdürilmeginde elektron hasaplaşyk ulgamynyň ähmiýetini we giň mümkinçiliklerini ýüze çykarmak bolup durýar.

Ýurdumyzda sanly tehnologiýalaryň ösmegi, kompýuter serişdeleriň ähli ulgamlarda ornaşdyrylmagy, pul dolanyşygynda serişdeleriň aýlanyş tizliginiň ýokarlanmagy hem-de hasaplaşyklary geçirmekde çykdajylaryň azalmagy tölegleriň we hasaplaşyklaryň usullarynyň kämilleşdirilmegine hem oňyn täsirini ýetirýär.

Maliýe ulgamyna ylmy-tehniki gazananlaryň ornaşdyrylmagy töleg serişdeleriniň we hasaplaşyklaryň ösmegine giň ýol açýar, hasaplaýyş maglumat tehnologiýalarynyň kämilleşdirilmegi netijesinde täze maliýe-hasaplaşyk gurallarynyň peýda bolmagy bilen bank hyzmatlary döwrebap häsiýete eýe bolýar.

Türkmenistanyň milli bank ulgamynda bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hil taýdan täze derejä götermek, dünýä tejribesiniň öňdebaryjy usullaryny we innowasion tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, ilatyň peýdalanmaýan pul serişdelerini önümçilikde maýa goýumlary hökmünde ulanmak üçin goýumlar

hökmünde banklara çekmek hem-de täze maliýe gurallaryny işläp taýýarlamak boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Sanly ykdysady gurşawda işleriň netijeli we döwrebap guralmagy üçin bank ulgamynyň enjamlaýyn programma üpjünçiligini kämilleşdirmek işleri dowam etdirilýär. Sanly tehnologiýalaryň kömegi bilen täze bank önümleriniň geriminiň giňemegi, tölegleriň we hasaplaşyklaryň usullarynyň kämilleşdirilmegi, täze tehnologiýalaryň ösdürilmegi, sanly tehnologiýalara esaslanan bank hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagy netijesinde ykdysady taýdan barha kuwwatlanýan ýurdumyzda döwrüň özgerýän talaplaryna laýyklykda döwrebap bank hyzmatlaryny müşderilere hödürlemäge, halkymyzyň bank hyzmatlaryndan, şeýle-de menzilara bank hyzmatlaryndan amatly tertipde peýdalanmaga ähli mümkinçilikler döredilýär.

Türkmenistanyň karz edaralarynda müşderiler bilen özara gatnaşyklary ösdürmekde döwrebap sanly mümkinçiliklerden yzygiderli peýdalanylýar. Karz edaralary müşderilere toplumlaýyn hyzmat etmegiň döwrebap usullaryny ulanmak bilen öz işjeňligini döwrüň ösýän talaplaryna laýyk guraýarlar.

Täze bank tehnologiýalaryny bank işewürligine girizmegiň esasy meseleleriniň hatarynda maglumatlary goramagyň usullarynyň kämilleşdirilmegi aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Bu tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy dürli amallar geçirilende harajatlary azaltmaga, müşderilere hyzmat etmegiň usullaryny has-da kämilleşdirmäge we bank ulgamynda tutýan ornuny berkitmäge ýardam edýär.

Täze «maglumat» jemgyýetinde innowasion ösüşiň esasy ugurlarynyň hatarynda aşakdakylary görkezmek bolar:

- hyzmat etmegiň alternatiw görnüşlerini saklap galmak bilen öz-özüne hyzmat etmegiň paýyny ýokarlandyrmak;
- menzilara bank hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini girizmek we ösdürmek;
- bank işewürligini sanlylaşdyrmak;
- bank maglumatlaryny ýygnamagyň, saklamagyň, seljermegiň we dolandyrmagyň toplumlaýyn maksatnama üpjünçiligini girizmek;
- elektron täjirçilikde banklaryň ornuny berkitmek;
- interneti peýdalanmagyň çäklerini giňeltmek (bank hasabyny dolandyrmagyň sanly bank we maliýe tehnologiýalary);
- awtomatlaşdyrylan «call-merkezleriniň» işini kämilleşdirmek;
- täze tehniki obýekti döretmäge mümkinçilik berýän tehniki serişdeleri ulanmagyň çäklerini giňeltmek (elektron kassir, Cash-In bankomat we ş.m);
- täze bank tehnologiýalarynyň esasynda döwrebap bank hyzmatlaryny hödürlemek we olary kommunikanyň täze kanallary arkaly ýerlemek.

Häzirki döwürde bank ulgamy öz ösüşinde hil taýdan täze tapgyra geçýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Munuň netijesinde bäsdeşlik şertlerinde banklar hyzmatlar bazarynda täze guramaçylyk düzümlerini döretmäge, iň täze bank tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga çalyşýarlar. Bank hyzmatlary babatda geçirilýän özgertmeler bank bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryň düýpli üýtgemegini aňlatmak bilen ilkinji nobatda, hyzmat ediş tizligini artdyrmagy hem-de hyzmat etmegiň dürli ugurlaryny peýdalanmak arkaly müşderileriň wagtyny tygşytlamagy göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, hödürlenilýän hyzmatlaryň ähli ýerde tizligi hem-de elýeterliligi banklaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryna oňaýly täsir edip, hil taýdan täze derejä çykarýar.

Milli bank ulgamyny kämilleşdirmek we ony bazar ykdysadyýetli ösen döwletleriň derejesine çykarmak boýunça giň gerimli özgertmeleriň netijeli durmuşa geçirilmegi üçin daşary döwlet-

leriň bank ulgamlarynda sanly bank hyzmatlarynyň ösüşini öwrenmek möhüm bolup durýar. Dünýä ykdysadyýetiniň bu ugurdaky tejribesini seljerip olary ykdysadyýetimize uýgunlaşdyrmak bilen bagly meseleleriň oňyn çözülmegi täze bank hyzmatlarynyň has-da ösdürilmegine itergi berýär. Daşary ýurtlaryň bank ulgamynda sanly mümkinçilikleri peýdalanmak bilen bagly işler olaryň milli ykdysadyýetiniň we karz edaralarynyň iş gurnalyş aýratynlyklaryna baglylykda ýola goýulýar. Dünýäniň ösen ýurtlarynyň banklarynda sanly tehnologiýalaryň bank işewürliginde netijeli peýdalanylmagy durnukly ösüşiň gözbaşy hasap edilýär.

2022-nji ýylyň başynda kiçi we orta işewürlige hyzmat etmäge ýöriteleşen 4 sanly bank (ABŞ-dan Brex и Novo, Indoneziýadan KoinWorks we Fransiýadan Qonto) karz kartlarynyň üstüni ýetirýän karz platformalaryny we biznes-hasaplaryny, çykdajylary dolandyrmagyň gurallaryny döretmek üçin 1 mlrd amerikan dollaryndan gowrak serişdeleri çekmegi başardylar.

2021-nji ýylda dünýäde iri sanly banklaryň biri bolan, Latyn Amerikada tölege ukyplylygy pes bolan müşderilere hyzmat etmäge ýöriteleşen Nubank, öz müşderi bazasyny Braziliýada, Meksikada we Kolumbiýada müşderileriň sanyny 48 mln ýetirip, 62 göterimi artdyrdy.

Türkmenistanda hem sanly bank hyzmatlarynyň bank işewürliginde giňden peýdalanylmagy milli bank ulgamynyň ösüşinde aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Şu nukdaýnazardan «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderileriň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, şol sanda, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge hem-de çaltlaşdyrmaga, hasaplaşyklar geçirilende wagty tygşytlamaga amatly mümkinçilikleri döredýär. Mundan başga-da milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna täze sanly tehnologiýalary ornaşdyrmagyň netijesinde Türkmenistanyň degişli karz edaralary tarapyndan «Türkmenhowaýollary», «Türkmendemirýollary» we «Türkmenawtoulaglary» agentlikleri bilen bilelikde bank kartlaryny ulanyp, howa ýollary, demirýol peteklerini hem-de şäherara ugurlarda gatnaýan awtobuslaryň peteklerini internet ulgamynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde satyn almaga mümkinçilik döredildi. Bank ulgamy tarapyndan işjeň ornaşdyrylýan «Elektron söwda» hyzmatyna bolan islegiň artmagy netijesinde nagt däl hasaplaşyklary geçirmek arkaly elektron usulda täjirçilik işini alyp barýan telekeçileriň sany günsaýyn artýar.

Sanly bank hyzmatlarynyň sanynyň artdyrylmagy we ilatyň bu hyzmatlardan peýdalanmaga işjeň gatnaşmagy kart eýeleriniň wagtyny we maliýe serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik bermek bilen, milli bank ulgamynyň işine hem mynasyp goşant goşýar. Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ilatyň bank hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen, bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, olaryň täze görnüşlerini girizmek we hilini ýokarlandyrmak boýunça zerur bolan işler dowam etdirilýär.

Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary bilen bagly möhüm meseleleriň oňyn çözülmegi, bu ugurda daşary ýurt tejribesiniň öwrenilmegi müşderilere häzirkizaman bank hyzmatlarynyň hödürlenmegini üpjün edýär, şeýle hem ykdysadyýetiň ýokarlanýan isleglerine laýyklykda bank hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmaga, milli bank ulgamyň işini döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmäge, bank ulgamynyň müşderileriniň sanyny yzygiderli artdyrmaga hem-de banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

**Aknabat MÖWLAMOWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy

**Ogulmaýsa AMANDURDYÝEWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby

## SELJERIŞ MAKALALARY

# MAÝA GOÝUMLARDAN GARAŞYLÝAN GIRDEJILERIŇ BAHALANDYRYLMAGY

Hormatly Prezidentimiz döwlet baştutanlygyna saýlanan ilkinji günlerinden başlap ýurdumyzda telekeçilik işiniň ösdürilmegine aýratyn uly ähmiýet berip gelýär. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmek, telekeçilik işini amala aşyrýanlara döwlet tarapyndan amatly şertleri döretmek we olary goldamak maksady bilen, Türkmenistanda telekeçilige döwlet goldawyny bermegiň, şonuň ýaly-da kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam bermegiň esasy ugurlary tassyklanyldy. Ýurdumyzda kiçi we orta telekeçilik bilen meşgullanýan taraplar önümleri öndürmek, işleri hem hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny amala aşyrýarlar. Telekeçiler maýa goýum taslamalary bilen baglanyşykly çözgütleri kabul edenlerinde, olara maýa goýumlardan geljek girdejilere baha bermek möhüm bolup durýar.

Çylşyrymly göterim, diskontirlemek düşünjeleri maýa goýumlardan garaşylýan girdejilere baha bermekde giňden peýdalanylýar. Bu düşünjeler bolsa maliýe matematikasynyň elementleridir. Maliýe matematikasynyň islendik nokadynda 1 manat nagt amal, başga bir wagtda 1 manat mukdaryna barabar hasap edilmeýär. Şonuň üçin dürli döwürlerde bolup geçýän ýa-da bolmagyna garaşylýan nagt pul akymlarynyň we çykdajylarynyň jemi, bilýän matematikamyzdaky ýaly absolýut bahalary goşmakdan tapawutlanýar. Bu aýdanlarymyzy birneme has anyklaşdyrmak üçin ýönekeý bir mysal bilen başlalyň: A we B futbol klublary köp islenilýän futbolçyny öz klubyna geçirmäge synanyşýarlar. «A» kluby, oýnaýanlara derrew 1,0 manat hödürleýär, B kluby bolsa möwsümiň ahyrynda 1,1 million manat hödürleýär. Bu oýunçynyň ýerinde bolsaňyz, haýsy topary kabul edersiňiz?

Bir seretseň we ýönekeý matematiki logika bilen 1,1 mln manadyň 1 mln manatdan gowrakdygyny aýdyp bolar, şonuň üçin B klubynyň teklibi has özüne çekiji bolup görünýär. Şeýle-de bolsa, ykdysady durmuşyň hakykatlaryny göz öňünde tutup, meselä seredenimizde, kararyň beýle aňsat kabul edilip bilinmejekdigini görýäris. Şeýlelik bilen sorag: «Häzirki wagtda 1 mln manat ýa-da bir ýyldan soň 1,1 mln manat has gymmatlymy?».

Bu soraga jogap bermek üçin bize başga bir esasy maglumatlar gerek: Şol ykdysadyýetde ortaça göterim derejesi ýa-da garaşylýan girdeji ýa-da hümmetsizlenme derejesi näçä deň? Bu nyrhlaryň birini bilýän bolsak, şu gün 1 manat bilen geljekdäki 1 manat arasyndaky tapawudy hasaplap bileris. Şeýlelik bilen, bir ýyldan soň mysalda futbolçy tarapyndan alynjak 1,0 mln manat bahasyny ýa-da bir ýyldan soň 1,1 mln manat bahasyny hasaplap we çözüp bileris.

Ýurtdaky maýa goýumlaryndan garaşylýan ortaça ýyllyk girdeji 25% diýeliň. Bu ýagdaýda, oýunçy A teklibini kabul edip, 1,0 mln manat alsa we maýa goýum ulagynda baha berse, ýylyň ahyrynda onuň pul serişdesi 1,25 mln manat bolar. Şeýle-de bolsa şol döwrüň ahyrynda B kluby tarapyndan hödürlenen pul bary-ýogy 1,1 manat. Bu hasaplamany başga ýol bilen hem edip bileris: B kluby tarapyndan berilmeli häzirki bahasy 1,1 mln manat, 880 müň manat we A klubynyň şu gün hödürleýän 1,0 mln manadyndan az. Görşümiz ýaly, geleşigimiz iki nagt pul akymyny bir wagtda aňlatmakdyr. Şoňa görä-de A klubynyň teklibiniň has özüne çekijidigini aýdyp bolar.

Gysgaça aýtsak: Belli bir mukdardaky pul akymlarynyň dürli döwürlerde dürli gymmatlyklara eýe bolmagy «puluň wagt gymmaty» hadysasyny görkezýär. Hümmetsizlenmäniň bar bolan şertlerinde, boş duran pul serişdesi hümmetsizlenmäniň derejesinde özüniň gymmatyny ýitirýär, ýagny satyn alyş güýji azalýar. Bu ýerde şeýle sorag çykyp biler: «Puluň

hümmetsizlenmegi bolmadyk bolsa puluň wagta görä gymmaty düşünjesi barada gürrüň edilmezdimi?»

Hümmetsizlenmäniň nola deň bolan gurşawynda, elbetde, «maýa goýumlaryndan garaşylýan ortaça girdeji» hem bar. Başgaça aýdylanda, boş pul serişdeleri bilen baglanyşykly alternatiw çykdajylar bar. Bu çykdajy, şol pul maýa goýum guralyna goýulsa, gazanylan girdejä deň hasaplanýar.

Şu günki pullary geljekdäki pullardan has ileri tutmagyň iki esasy sebäbi göz öňünde tutulýar:

- sarp etmekden ýüz döndürmek;
- göterim ýa-da başga girdejiden ýüz döndürmek.

Bu ýerde aklyňyza şeýle kritiki sorag gelip biler: göterim = puluň wagt gymmaty diýip aýdyp bilerismi? Başgaça aýdylanda, göterimiň ýok ýerinde puluň wagt gymmaty barada gürrüň etmek mümkin dälmi?

Her niçigem bolsa, «göterim = puluň wagta görä gymmaty» diýip bilmeris!

Puluň wagt gymmaty, adatça, ýüz dönderlen likwidlilikden ýa-da maýa goýumlaryndan girdejä garaşmak bilen bagly ýüze çykýan hadysadyr. Göterim işiň netijesine garamazdan öňünden kesgitlenen girdejidir.

Göterim = Puluň wagt gymmaty + karz berijiniň üstüne alan töwekgelçilikleriniň jemi.

Ykdysadyýetde göterimiň bolmalydygyna ynanýan ykdysady pikire görä göterimiň esasy sebäpleri:

- Töwekgelçiligiň / näbelliligiň bahasy: Muňa görä, karz alnanda ýa-da satuw möhletli amala aşyrylanda ýüze çykýan näbellilik bar. Geljekdäki näbellilik töwekgelçiligi ýokarlandyrýar we göterim derejesi bu näbelliligiň bahasydyr;
- puluň bahasy;
- puly ulanmak;
- şahsy wagt ileri tutmasy;
- garaşylýan hümmetsizlenmäniň öwezini dolmak.

Göterim derejesini emele getirýän faktorlar şulardan ybaratdyr:

Göterim = töwekgelçiliksiz göterim + hümmetsizlenmäniň töwekgelçilik derejesi + likwidliligiň töwekgelçilik derejesi + öwezini dolmazlygyň töwekgelçilik derejesi + wagt töwekgelçilik derejesi.

Maliýe ykdysadyýetinde puluň wagt gymmaty we göterim düşünjesi käwagt sinonim hökmünde biri-biriniň ýerine ulanylýan, ýöne aslynda öz aralarynda sebäp – netije gatnaşyklaryny öz içine alýan düşünjelerdir. Maddy gymmatlyklaryň wagtyň geçmegi bilen çalt ýokarlanmagynyň zerurdygy, ýogsam munuň alternatiw çykdajylara getirjekdigi göterim hadysasynyň kanunalaýyklygyna ýol açýar. Bu ýokarlanmanyň öňünden kesgitlenen koeffisiýentiň hasaplama usulyna laýyklykda ýerine ýetirilmegi göterim hadysasyny emele getirýär. Şu nukdaýnazardan dürli ykdysadyýet mekdepleriniň arasyndaky ylalaşmazlyk meselesi göterimiň kanuny usul däldigini öňe sürýär. Olaryň pikirine görä, maddy gymmatlyklaryň ýokarlanmagy öňünden bellenmeli däl, ýöne maýa goýumlaryň üstünliklerine baglylykda, täjirçilik/senagat işjeňliginiň gaýdyp gelmegine baglylykda has aýdyň şekillendirilmelidir. Bu beýle bolmasa, kapital ykdysadyýetde öndürilen hakyky goşmaça gymmata garamazdan ýokarlanamaga sezewar bolýar we köp ykdysady we durmuş meselelere, esasanam hümmetsizlenmä sebäp bolýar.

Hümmetsizlenmä birnäçe görnüşde kesgitleme bermek bolar. «Çişmek» manysyny berýän bu düşünje, hakykatdanam ähli ykdysady görkezijilerde «emeli çişmegi» aňladýar. Mysal üçin,

bir kompaniýanyň aktiwleriniň düzümi, dolanşygy we çykdajylary ýaly maglumatlar ýyllar boýunça jemlenende ilkibaşda ýokarlanyşy görkezip biler. Ýöne hümmetsizlenme bar bolan ýurtda bu görkezijileriň ählisi ýalňyş bolup biler. Şeýlelikde, bu görkezijileriň hemmesiniň ýalňyş ýokarlanmagy, amal göwrüminiň (öndürilen önümleriň we hyzmatlaryň) ýokarlanmagy däl-de, bahalaryň umumy derejesiniň ýokarlanmagy bilen baglanyşykly bolup biler.

Bir karzyň möhletinden öň nagt pula öwrülmegi, iş tejribesinde ýygy-ýygydan duş gelýän maliýeleşdirmegiň bir usuly hasaplanylýar. Işewürlikde gymmatly kagyzlar bilen amallar ýerine ýetirilende, geleşik baglaşýan taraplaryň arasynda bellenilen möhletiň ahyryna garaşmak ýerine, gymmatly kagyzy üçünji bir tarapa saklamak hukugyny berip, resminamada görkezilen nominal alynmaly puldan az möçbere razy bolmak ýagdaýlary köp duş gelýär. Bu aratapawut diskontirlenen göterim mukdary, başgaça aýdanymyzda «gymmatly kagyzy döwdürendigi» üçin maliýeleşdirmek çykdajysydyr.

Täjirçilik bellikleriniň we çekleriniň nagt görnüşe öwrülmeginden başga, diskontirlemek usuly bilen göterim hasabynyň hereket edýän başga ýene-de bir meýdany «Gazna biržasy» auksionlarydyr. Döwlet karz alan wagtynda, çykaran obligasiýasynda ýazylan pul mukdaryndan birneme az pul akymyny üpjün edýär. Olaryň arasyndaky tapawut, karz almak üçin çekýän göterimidir. Başgaça aýdylanda, möhleti ýa-da möhletiniň ahyrynda esasy karz bilen bilelikde yzyna gaýtarmak görnüşinde däl-de, bu bergi üçin tölenjek göterimi nagt töländigini görkezýär.

**Ýazdurdy MOLLAÝEW, Aýlar USSAÝEWA,**
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we
ulag kommunikasiýalary institutynyň
Kärhananyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy
kafedrasynyň mugallymlary

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

### 2023-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
### Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2023 г.




### 2023-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
### Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2023 г.




### 2023-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany
### Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 февраля 2023 года




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)
### Структура активов кредитных учреждений, (в %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
### Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
### Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
### Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2023-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
### Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 февраля 2023 г.




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
### Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## 2023-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
### Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 февраля 2023 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.02.2022 | 01.01.2023 | 01.02.2023 | 01.02.2023<br>01.01.2023-e, %-de | 01.02.2023<br>01.02.2022-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **10** | **10** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **147** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | * | **6 562 437** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 562,8** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 415,8** | **6 782,9** | **6 842,9** | *100,9* | *106,7* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **9 696,06** | **16 389,77** | **15 719,74** | *95,9* | *162,1* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **78 934,50** | **88 926,48** | **88 747,55** | *99,8* | *112,4* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **39 863,73** | **41 735,64** | **41 644,65** | *99,78* | *104,5* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2023-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **23** | 3 | 9 | 4 | 1 | 3 | 3 | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **50** | 7 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 | |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **31** | 4 | 7 | 3 | 4 | 7 | 6 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **13** | 1 | 2 | 4 | 2 | 2 | 2 | |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | 1 | 1 | 1 | 1 | |
| **Jemi / Итого** | **147** | **16** | **26** | **24** | **21** | **32** | **28** | |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2023 г.

